**G.Hanmyradow, O.Çaryýewa**

# DIPLOM IŞLERINI TAÝÝARLAMAK

Ýokary okuw mekdepleri üçin usuly gollanma

*Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan hödürlenildi*

**Aşgabat. Ylym. 2008**

**UOK 373.167.1**
**H 21**

**H 21** **Hanmyradow G., Çaryýewa O.**
**Diplom işlerini taýýarlamak.**
Ýokary okuw mekdepleri üçin usuly gollanma – Aşgabat: Ylym, 2008. – 52 sah.

Türkmenistanyň ýokary okuw mekdepleri üçin niýetlenen bu usuly gollanmada diplom işiniň temasyny saýlamagyň we tassyklamagyň, meýilnamasyny düzmegiň, iş ýazylanda çeşmelere we edebiýata salgylanmagyň, şeýle-de, edebiýatyň sanawyny taýýarlamagyň hem-de diplom işini goramagyň usullary beýan edilýär. Türkmen dilinde ilkinji gezek neşir edilýän bu usuly gollanma taryh hünäriniň talyplarynyň ýerine ýetirýän diplom işleriniň mysalynda taýýarlanyldy.

**TDKP №147** **KBK № 74.58**
**© YTÝG-nyň "Ylym" neşirýaty, 2008.**
**© Türkmenistanyň Bilim ministrligi, 2008.**



TÜRKMENISTANYŇ ILKINJI PREZIDENTI
BEÝIK SAPARMYRAT TÜRKMENBAŞY



TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET TUGRASY



TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET BAÝDAGY

**GARAŞSYZ, BAKY BITARAP**
**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET SENASY**

**Türkmenbaşyň guran beýik binasy,**
**Berkarar döwletim, jigerim-janym,**
**Başlaryň täji sen, diller senasy,**
**Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!**

**Janym gurban saňa, erkana ýurdum,**
**Mert pederleň ruhy bardyr köňülde,**
**Bitarap, garaşsyz topragyň nurdur,**
**Baýdagyň belentdir dünýäň öňünde.**

*Gaýtalama:*
**Türkmenbaşyň guran beýik binasy,**
**Berkarar döwletim, jigerim-janym,**
**Başlaryň täji sen, diller senasy,**
**Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!**

**Gardaşdyr tireler, amandyr iller,**
**Owal-ahyr birdir biziň ganymyz.**
**Harasatlar almaz, syndyrmaz siller,**
**Nesiller döş gerip gorar şanymyz.**

*Gaýtalama:*
**Türkmenbaşyň guran beýik binasy,**
**Berkarar döwletim, jigerim-janym,**
**Başlaryň täji sen, diller senasy,**
**Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!**

**Arkamdyr bu daglar, penamdyr düzler,**
**Ykbalym, namysym, togabym, Watan!**
**Saňa şek ýetirse, kör bolsun gözler,**
**Geçmişim, geljegim, dowamym, Watan!**

**Türkmenistanyň Prezidenti**
**Gurbanguly BERDIMUHAMEDOW:**

***Ýokary okuw mekdeplerinde hem düýpli özgertmeler geçiriler. Ähli dersler boýunça doly kurslaryň okadylmagyny üpjün edip, biziň ýokary okuw mekdeplerimizi tamamlanlara bu barada berilýän diplomlaryň dünýäniň ähli ýerlerinde ykrar edilmegini gazanarys. Ýurdumyzyň ýokary okuw mekdeplerinde halkara derejesinde bilim berler.***

## *GIRIŞ*

Türkmen halky gadymdan bäri kitaba, ylma-bilime uly sarpa goýýandygy bilen tapawutlanýar. Ýurdumyzyň Garaşsyzlygyny almagy bilen bolsa ylym-bilim babatda alnyp barylýan işler umumy döwlet ähmiýetli işe öwrüldi.

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow ýaş nesle dünýä derejesinde ylym-bilim bermeklige, kämil hünärmenleri terbiýeläp ýetişdirmeklige aýratyn uly üns berýär. Muňa Hormatly Prezidentimiziň ýurdumyzyň bilim ulgamyny dünýäniň ösen ýurtlarynyň derejesine çykarmaga gönükdirilen, 2007-nji ýylyň 15-nji fewralynda kabul eden "Türkmenistanda bilim ulgamyny kämilleşdirmek hakynda" Permany we 4-nji martynda kabul eden "Bilim-terbiýeçilik edaralarynyň işini kämilleşdirmek hakynda" Karary şaýatlyk edýär. Şeýle-de, Hormatly Prezidentimiziň 2007-nji ýylyň 12-nji iýunynda geçiren Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň göçme mejlisiniň barşynda "Türkmenistanda ylym ulgamyny kämilleşdirmek hakynda" we "Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň işi hakyndaky" gol çeken möhüm Kararlary Türkmenistanyň ylym ulgamyny düýpli özgerdip guramaklyga gönükdirilendir. Bu resminamalaryň ösüp gelýän ýaş nesli okatmagyň we terbiýelemegiň, Türkmenistanyň halk hojalygynyň ähli pudaklary üçin ýokary hünärli hünärmenleri taýýarlamagyň milli ulgamyny emele getirmek we ylmy işgärleri taýýarlamak üçin juda uly ähmiýeti bar.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow: "Biz häzir Türkmenistanda milli bilim ulgamynda düýpli özgertmeler geçirmäge girişdik. Şol özgertmeleriň baş maksady Türkmen ýaşlaryna dünýäniň iň ösen talaplaryna laýyk gelýän bilim ulgamyny elýeterli etmekden ybaratdyr"[1] diýýär. Ýurt baştutanymyzyň bu sözlerinden bilim özgertmeleriniň baş maksadynyň ýurdumyzda milli hünärmenleri taýýarlamagyň kämil ulgamyny döretmekden we olaryň derejesini iň ýokary halkara talaplaryna laýyk getirmekden ybaratdygyna göz ýetirmek bolýar. Munuň üçin bolsa diňe bir bilim almak bilen çäklenmän, alan bilimleriniň esasynda kemala gelen ylmy garaýyşlaryny aýan etmek başarnyklaryny ösdürmegiň hem gerekdigi öz-özünden düşnüklidir. Şonuň üçin hem ylmy-barlag işlerini geçirip, ylmy işleri ýazmagyň usullaryny, ýollaryny bilmek, öwrenmek ýaşlaryň derwaýys ele almaly başarnyklarynyň biridir.

[illegible]

[illegible] [2] birnäçesi taýýarlanylypdyr.

Garaşsyz Türkmenistanyň milli bilim, ylym ulgamynyň kemala gelmegi, türkmen diliniň döwlet dili hökmünde durmuşa ornaşmagy bilen döwlet dilindäki usuly gollanmalaryň zerurlygy aýdyň duýulýar. Şu mesele nazarda tutulyp, taryh fakultetini tamamlaýan talyplar üçin diplom işlerini ýazanlarynda peýdalanar ýaly şu usuly düzgünler işlenilip taýýarlanyldy. Bu işde diplom işleri ýazylanda berjaý edilmeli, üns berilmeli meseleler hakynda gysgaça durlup geçilýär.

---

[1] **Gurbanguly Berdimuhamedow**. Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, Halky söýmek bagtdyr. – Aşgabat: Ylym, 2007. 136 s.

[2] **Бердыев К.** Методические советы для студентов по написанию дипломной работы (спец. история). – Ашхабад, 1980; **Касимова Т.Г., Мамедиев Я.** Методические указания по подготовке и написанию курсовых и дипломных работ для студентов ист. ф-та. – Ашхабад, 1980.

Diplom işlerinden edilýän esasy talap onuň derwaýyslygy, özbaşdaklygydyr. Ony taýýarlamaklyga bolsa belli bir tertibe getirilen degişli talaplar bildirilýär.

Diplom işi dürs ýazuw kadalaryna laýyklykda sowatly ýazylmaly. Beýan edilişi anyk, aýdyň we düşnükli bolmaly. Teksti dogry taýýarlamaklyga aýratyn üns bermeli. Diplom işinde seredilýän meseleler ylmy taýdan derňew edilmeli, ol döredijilikli häsiýetde bolmaly, ilkinji çeşmelere daýanylmaly. Baplaryň we bölümçeleriň arasynda özara arabaglanyşyk we yzygiderlilik saklanmaly, bir meseleden beýleki meselä geçilendigi belli bolmaly.

Her bir babyň esasy meseleleriniň biri ony meýilnama boýunça beýan etmekdir. ***Girişde*** işiň saýlanylmagynyň sebäpleri esaslandyrylýar, onuň döwrebaplygy, zerurlygy, öz içine alýan döwürleri, işiň anyk maksady we meseleleri görkezilýär. Şeýle-de, girişde diplom işiniň many-mazmuny bilen baglanyşykly pikirleri çuňňur öwrenip, olardan gelip çykýan wezipeleri beýan etmek, işiň taryhnamasyny bermek, ýagny öwrenilýän meseläniň öwrenilişini ylmy nukdaýnazardan seljermek we diplom işi ýazylanda ozal peýdalanylan (çap edilen we çap edilmedik arhiw maglumatlary, habarçynyň berýän maglumatlary we ş.m.) çeşmeleri derňemek hem zerurdyr.

Diplom işiniň ***esasy bölegini*** talyp tarapyndan toplanan maglumatlary beýan etmeklik düzýär. Bu maglumatlar beýan edilende baplar boýunça yzygiderliligiň saklanylmalydygyny ünsden düşürmeli däldir. Ähmiýetine, öz içine alýan döwrüne laýyklykda, baplaryň möçberi dürli hili bolup biler. Diýmek, işiň hemme baplary hökman belli bir möçberde bolmaly diýip düşünmeli däl.

Anyk maglumatlar beýan edilende salgylanmalary, birmeňzeş maglumatlary köp getirip, işiň möçberini gereginden artyk ulaltmaly däl. Hökümet resminamalary, alymlaryň pikirleri, ähli anyk maglumatlar we sanlar ilkinji çeşmelere salgylanmak ýa-da olardan salgylanma getirilmek bilen tassyklanylmalydyr. San maglumatlary köp bolan ýagdaýynda, olary tablisa, diagramma görnüşinde bermek amatly bolýar.

***Jemleme*** we ***teklipler***, esasan, işiň özünden gelip çykýan umumy netijelerden we jemlemelerden, ýagny geljekde şu mesele boýunça ylmy-barlag işleri alnyp barlan ýagdaýynda esasy üns bermeli meselelerden durýar.

Gerek bolan ýagdaýynda talyp diplom işiniň goşmaçasynda tablisalary, suratlary, çyzgylary (shemalary), wakalaryň sanawyny, görkezijileri (ýer-ýurt atlaryny) we beýlekileri berip bilýär. Bu maglumatlar işiň mazmunyna düşünmekligi ýeňilleşdirýär, onuň ylmylygyny ýokarlandyrýar.

Şeýle-de, talyplar diplom işleriniň ylmy-maglumat beriji gurluşy barada ýeke-täk talaby ödeýän *düzgünnamanyň* ýoklugyndan kösenýärler. Şonuň üçin eliňizdäki gollanmada çap edilen işlerden peýdalanmagyň, salgylanmalary getirmegiň usullary, çeşmeleriň we edebiýatyň sanawyny bermegiň tertibi hakynda-da gysgaça durlup geçilýär.

Talyp diplom işini ýazanda diňe bir bu gollanmadan peýdalanmak bilen çäklenmän, eýsem özüni gyzyklandyrýan ähli meseleler boýunça ylmy ýolbaşçysyndan dilden we ýazuw üsti bilen maslahatlar almalydyr.

## *DIPLOM IŞINIŇ ADYNY SAÝLAMAK WE TASSYKLAMAK*

Diplom işiniň temasynyň dogry saýlanylmagy işiň üstünlikli bolmagyna uly täsir edýär.

Adatça, diplom işleri öňki ýyllarda ýazylan ýyllyk işler, geçilen ýörite derslerde öwrenilen meseleler bilen baglanyşykly bolýar. 4-nji ýyl talyplaryna VII ýarymýyllykda ýörite dersden ýazylýan ýyllyk işinde diplom işiniň bir babyny, VIII – IX ýarymýyllyklarda beýleki baplaryny ýazmaklyk maslahat berilýär.

Diplom işiniň temasyny tassyklamak gutardyş ýylynyň öň ýanyndaky ýarymýyllygyň ahyrynda amala aşyrylýar.

Diplom işiniň öňde durýan meselesi ony ýazýan talyba belli bir derejede tanyş bolmaly. Eger diplom işi öňki ýyllarda geçilen ýörite derslerde öwrenilen meselelerden bolsa, onda iş ýazylyp başlanmanka, talyp oňa bolan esasy nukdaýnazarlaryny (garaýyşlaryny), şu meseläniň taryhdaky orny baradaky düşünjelerini-de jemlemeli bolýar. Şonuň üçin talyp iş boýunça esasy çeşmeler we edebiýat bilen tanyşýar. Diplom işi öňki ýyllarda ýazylan ýyllyk işlerini gaýtalaman, eýsem anyklygy, giňligi, iň esasy hem meseläniň mazmunynyň çuň açylyp görkezilmegi bilen tapawutlanýar.

Diplom işi Türkmenistanyň, dünýä taryhynyň haýsydyr bir möhüm taraplaryny açyp görkezýän nazary mesele, taryhnamanyň we çeşmeşynaslygyň meselelerine, türkmen taryhçylarynyň işlerine we ş.m. bagyşlanylyp bilner. Diplom işi üçin saýlanylan tema beýlekilerden ýeterlik derejede bölünen, ýagny aýratyn bir meseläni aýdyňlaşdyrmagy göz öňünde tutýan bolmaly. Diplom işinde birnäçe meseläni garyşdyrmaga ýa-da haýsydyr bir meseläni emeli ýagdaýda böleklere bölmäge ýol berilmeli däl.

Diplom işiniň temasyny dogry saýlamagyň möhüm ölçegleriniň biri onuň derwaýyslygydyr. Işiň derwaýyslygy taryh ylmyndaky has möhüm meseleleriň arasyndaky orny, ýokary derejeli taryhçy hünärmenleri taýýarlamakdaky ähmiýeti we ş.m. bilen kesgitlenilýär.

Diplom işiniň temasynyň we onda gozgaljak meseleleriň derwaýyslygyna onuň şu günki meseläni şöhlelendirmesi-de, häzirki döwür bilen baglanyşygy-da girýär. Diplom işiniň temasy saýlanylanda, onuň türkmen jemgyýetiniň häzirki döwrüniň we geljeginiň meseleleri bilen baglanyşdyrylmagy zerurdyr.

Diplom işiniň temasy saýlanylanda göz öňünde tutulmaly meseleleriň biri-de, onuň çeşme bilen üpjünçiligini anyklamakdyr.

Diplom işiniň meselesiniň edebiýatda şöhlelendirilişine-de düýpli üns bermek gerek. Diplom işi boýunça taryhçylaryň

köpsanly işleriniň bolmagy, adatça, onuň möhümligine şaýatlyk edýär we talybyň meseleden ugur almagyny ýeňilleşdirýär. Bu, bir tarapdan, talybyň oňat öwrenilen meseleden nähilidir bir täze garaýyş tapmagyny, ol şöhlelendirilende öz goşandyny goşmagyny kynlaşdyrýar. Şular bilen birlikde, işiň edebiýatda gowşak, az şöhlelendirilmegi onuň az ähmiýetlidigini aňlatmaýar. Meseläniň az işlenilmeginiň sebäpleri, ylmy-barlag işleriniň netijeleri ony gowy işlemäge ýeterlik derejede çeşme üpjünçiliginiň ýoklugy ýa-da, tersine, çeşmeleriň adatdan daşary köplügi we ş.m. bolup biler.

Şular bilen birlikde, talyp öz ylmy-barlaglarynyň öňde goýýan meselelerini anyk kesgitlemelidir. Ol, esasan, türkmen taryhynyň Garaşsyzlyk ýyllarynda döwürleşdirilişine laýyk gelmelidir.

Talyp kesgitli meseläniň üstünde duranyndan soň diplom işine ýolbaşçylyk etjek mugallym bilen bu barada maslahatlaşýar. Adatça, talyp soňky üç ýylyň dowamynda ylmy halypa hökmünde kafedra tarapyndan tassyklanylan bir mugallymyň ýolbaşçylygynda işleýär. Zerur ýagdaýlarda talybyň işi bilen ylalaşýan täze ylmy ýolbaşçy bellenilip bilner.

Ýolbaşçynyň razylygy bilen talyp kafedra müdiriniň adyna diplom işiniň adynyň we ylmy ýolbaşçysynyň tassyklanylmagyny haýyş edip, arza ýazýar. Arzada diňe işiň ady görkezilmän, eýsem diplom işiniň meselesi boýunça anyk kesgitlenen pikir, ylmy-barlag alnyp barylјak döwrüň sene çäkleri-de görkezilýär.

Diplom işi talybyň we ylmy ýolbaşçynyň gatnaşmagynda degişli kafedrada ara alnyp maslahatlaşylýar. Kafedranyň mejlisinde diplom işini ýazýan talyba işiň meselesini we sene çäklerini, onuň çeşmeler bilen üpjünçiligini we edebiýatda şöhlelendirilişini anyklamak üçin soraglar berilýär. Talyplary kafedra çagyryp, geljekki diplom işleri bilen baglanyşykly meseleleri ara alyp maslahatlaşmak, olaryň derwaýys temalary

saýlamaklaryna ýa-da anyklamaklaryna, işiň möhüm meselelerine, näbelli çeşmelere we edebiýata üns bermeklerine ýardam edýär.

Kafedranyň karary bilen talyplara berkidilen diplom işleriniň temalary rektor tarapyndan tassyklanýar. Tassyklanylan diplom işiniň ady diňe ylmy ýolbaşçynyň razylygy, kafedranyň ýörite haýyşy boýunça rektoryň buýrugy bilen üýtgedilip bilner. Diplom işiniň temasyny özbaşdak üýtgetmeklige ýol berilmeýär.

Diplom işiniň temasynyň dogry saýlanylmagy diňe bir onuň üstünlikli goralmagyna eltmek bilen çäklenmän, soňra bu mesele boýunça ylmy makalalar ýazmaga, ylmy iş alyp barmaga-da mümkinçilik berýär.

## *DIPLOM IŞINIŇ GURLUŞY*

Diplom işiniň gurluşyny ony ýazýan talybyň özi ylmy ýolbaşçysy bilen maslahatlaşyp kesgitleýär. Ýöne diplom işini ýazýan her bir talybyň bilmeli kadalary hem bardyr.

Diplom işiniň gurluşynyň nähili bolmalydygy Türkmenistanyň Bilim ministrliginiň 2003-nji ýylyň 7-nji fewralyndaky 35-nji belgili buýrugy esasynda tassyklanylan Türkmenistanyň Ýokary okuw mekdeplerinde okuw sapaklarynyň mazmuny, guralyşy we geçirilişi barada umumy *Gözükdirijide* (mundan beýläk "Gözükdiriji") (1-nji goşundy 3.27-ä seret!) anyk görkezilýär.

Diplom işiniň titul sahypasynda haýsy zatlaryň görkezilmelidigi hem Gözükdirijide (1-nji goşundy, 3.30-a seret!) aýdyňlaşdyrylýar.

Diplom işiniň ady mümkin boldugyça gysga we onuň mazmunyna laýyk hem anyk bolmaly. Ýöne diplom işinde has kiçi (bölek) mesele şöhlelendirilýändigi üçin, onuň ady, adatça, ýaýraňrak bolýar. Käwagt işiň adyny has anyklaşdyrmak üçin uly bolmadyk (bäş-alty sözden ybarat) goşmaça sözbaşy bilen onuň üsti ýetirilýär.

Diplom işiniň mazmunynda baplaryň, bölümçeleriň atlarynyň anyk sanawy olaryň işde ýerleşiş yzygiderliligine laýyklykda beýan edilýär. Mazmunda olaryň sahypalary-da görkezilýär.

Işiň mazmuny onuň başynda ýerleşdirilse ýerlikli bolýar. Beýle etmeklik iş peýdalanylanda onuň gurluşyny dessine görmäge mümkinçilik berýär.

Girişde öňde goýlan meseläniň taryhyň beýleki meseleleriniň arasyndaky orny we onuň zerurlygy aýdyňlaşdyrylýar. Eger diplom işinde ol ýa-da beýleki ýagdaýlara görä, meselä birnäçe jähtden (nukdaýnazardan) seredilmän geçiljek bolsa, onuň sebäpleri-de girişde görkezilýär.

Diplom işiniň girişinde iş ýazylanda peýdalanylan çeşmelere hem seljerme berilýär. Onda çeşmeleriň mazmuny hakda gürrüň etmän, olary aýratynlyklary boýunça toparlara bölmeli. Her bir çeşmäni anyk teswirlemegiň hem zerurlygy ýok. Çeşmeleri esasy görnüşleri boýunça bölmek, olara umumy häsiýetnama bermek we has möhüm, şeýle-de az belli bolan, ylmy dolanyşyga birinji gezek girizilýän çeşmeler barada anyk durup geçmek gerek. Çeşmeler seljerilende gürrüň edilýän çeşmäniň öňde goýlan meseläni öwrenmek üçin ähmiýetini, meselä düşünmek, ony açyp görkezmek üçin näme berendigini-de belläp geçmeli. Şeýle-de onuň bilen işlemegiň aýratynlygyna baha bermeli. Öwrenilýän meseläniň çeşmeler bilen üpjünçiliginiň ýagdaýy, seredilýän meseläni açyp görkezmäge ýeterlikdigi ýa-da ýeterlik däldigi hem aýdylýar.

Girişde şular bilen birlikde öwrenilýän meseläniň taryhy edebiýatda şöhlelendirilişiniň derejesi, taryhçylaryň haýsy işleriniň gönüden-göni şoňa bagyşlanylandygy, onuň haýsy taraplarynyň geljekde ýene işlenilmeginiň zerurlygyny delillendirýän taryhnamasy hem berilýär.

Şeýlelikde, peýdalanylan çeşmeler we edebiýat seljerilip, çözülmän galan meseleler aýdyňlaşdyrylýar. Şol meseleleri çözmekde diplom işiniň orny, barlaglar döwründe serediljek meseleler we döwri kesgitlenilýär.

Diplom işini baplara we bölümçelere bölüp beýan etmek barada Gözükdirijide (1-nji goşundy, 3.29-a seret!) ýörite bellenilýär. Gözükdirijide bellenilişi ýaly, baplar ýazylanda olaryň arasynda logiki arabaglanyşygyň we bir bapdan beýlekä geçilende yzygiderliligiň saklanylmagyna aýratyn üns berilmelidir.

Diplom işi taýýarlanylýan wagtynda ýygnalan anyk maglumatlara ýüzlenilende örän ünsli bolmaly. Wakalary taryhy ýagdaý bilen baglanyşykly, şeýle-de olaryň biri-birlerine garaşlydyklaryny we özara täsirlerini göz öňünde tutup beýan etmeli. Diňe mysal getirmek bilen çäklenmeli däl.

Şular bilen birlikde, diplom işini diňe anyk maglumatlaryň toplumyna-da öwürmeli däl. Iň kyn we möhüm mesele anyk maglumatlary jemlemek bolup durýar. Eger maglumatlar ýygnalýan döwründe olary jemlemek birinji derejeli mesele bolan bolsa, diplom işi ýazylýan wagty olary oýlanyşykly peýdalanmk, şeýle-de has möhümlerini saýlamak esasy mesele bolup örboýuna galýar. Talybyň öz işinde öwrenilýän meseleler boýunça esasy meýillerini olara mahsus bolan mysallar ýa-da san maglumatlary arkaly anyklamagy we beýan etmegi zerur. Eger talyba köp beýan edilen waka barada öz pikirini subut etmek zerur bolsa, onda ol öz işinde ähli birmeňzeş ýagdaýlary şöhlelendirmän, eýsem bir anyk maglumaty getirip, galan şoňa meňzeş mysallary çykgytda ýa-da köpsanly maglumatlary tablisada jemläp berip biler.

Maglumatlaryň köp bolmagy, ýagny köpsanly birmeňzeş mysallaryň getirilmegi awtoryň pikiriniň gysylmagyna eltýär. Bu ýagdaý awtoryň pikiriniň tassyklanylmagyna derek, düýpli esaslandyrylmadyk netijelere alyp barýar.

Salgylanmalara hem örän ünsli çemeleşmek gerek. Çeşmelere we edebiýata salgylanman taryhy wakany dogry we doly beýan edip bolmaýar. Aýratyn hem bu anyk düşündiriş zerur bolan esasy ýagdaýlar barada gürrüň gidende möhümdir. Gereginden köp

we has uzyn salgylanmanyň ulanylmagy awtoryň şahsy pikirlerine gaty az ýer goýýar. Beýan edilýän maglumatyň bitewiligine zyýan ýetirmän, salgylanmany öz sözleriň bilen bermek ýa-da düzgüni bozman gysgaltmak bolýar. Iki ýa-da ondan köp salgylanmany yzly-yzyna peýdalanmak ýerliksiz bolýar. Awtory görkezmän salgylanmany peýdalanmaklyga düýbünden ýol berilmeli däl.

Işiň her baby we her bölümçesi gysgajyk netije bilen gutarmaly. Onda öňki babyň netijesi okyjyny indiki babyň esasy mazmunyna çekmeli. Baplaryň öz aralaryndaky arabaglanyşygy berkitmeli we diplom işiniň bitewiligini üpjün etmeli.

Diplom işiniň mazmunyna onuň tekstinden başga dürli çyzgylardyr suratlary girizmegiň tertibi barada Gözükdirijide (1-nji goşundy, 3.31-e seret!) durlup geçilýär.

Diplom işi uly bolmadyk jemleme we teklipler bilen gutarýar. Onda barlaglaryň jemi boýunça ähli işiň netijesi çykarylýar. Şonuň üçin ol ýerde esasy bapda gürrüň edilmedik anyk täze nazary maglumatlar barada hiç hili zat aýdylmaýar. Umuman, jemleme we teklipler diňe awtoryň umumy netijelerinden düzülýär. Şeýle-de jemleme we teklipler bölüminde diplom işiniň öz içine alýan döwürleri boýunça öwrenilen meseläniň geljekdäki ösüşini-de görkezmek bolar. Diplom işini ýazýan talybyň girişde göz öňünde tutan soraglaryna jemlemede we tekliplerde jogap bermegi gerek.

Jemleme we teklipler, adatça, 2 sahypadan 5 sahypa aralygynda bolýar.

Peýdalanylan edebiýatyň sanawy diplom işiniň esasy tekstinden soň berilýär.

### *DIPLOM IŞINIŇ MEÝILNAMASYNY DÜZMEK*

Diplom işiniň meýilnamasyny düzmek üçin talyp entek işiň temasyny saýlaýan wagty onuň mazmunyny düzýän esasy soraglaryň üstünde oýlanýar we bu barada ylmy ýolbaşçysy bilen maslahatlaşýar.

Diplom işiniň temasynyň kafedrada ara alnyp maslahatlaşylmagynyň, talyby täze soraglaryň üstünden eltmegi ýa-da onda öňki düzenini täzeçe düzmek pikirini oýarmagy mümkin. Diplom işi tassyklanylandan soň, onuň umumy meýilnamasy düzülýär, çeşmeleriň we edebiýatyň üstünde işlenilende bolsa anyklaşdyrylýar. Talybyň diplom işiniň meýilnamasy baradaky pikirleri kagyza ýazylsa ýerlikli bolýar. Talyp meýilnama düzýän döwri ylmy ýolbaşçysyny onuň bilen habarly edip durmaly. Meýilnamanyň dürli nusgalarynyň garym-gatym bolmazlygy üçin olary belgilemek we düzülen wagtynyň senesini goýmak gerek. Meýilnamanyň bolmagy çeşmeleri we edebiýaty maksadalaýyk saýlamagy üpjün edýär we olar bilen işlemegi ýeňilleşdirýär.

Meýilnamanyň gutarnykly nusgasy esasy çeşmeler öwrenilenden soň düzülýär. Ol näçe anyk bolsa, işi ýazmak şonça-da ýeňil bolýar.

Meýilnamada işiň umumy göwrüminden ugur almak we her babyň hem-de bölümleriň mysaly göwrümine görä aýratyn möhüm meselelere bölüşdirip düzmek baplaryň deň bolmagyna, şeýle-de işiň göwrüminiň çendenaşa ulalmagynyň öňüni almaga kömek edýär.

Diplom işini ýazmaga girişen talyp ylmy ýolbaşçysy bilen işiň esasy bölümlerini ýazyp gutarmagyň, çeşmeleriň we edebiýatyň üstünde işlemegiň, işiň aýratyn baplaryny hem-de tutuşlygyna ylmy ýolbaşçysyna görkezmegiň möhletini kesgitleýär.

Kafedra soňky ýarymýyllygyň başynda (takmynan, ýanwar aýynyň birinji ýarymynda) diplom işini ýazýan talyplar bilen olaryň ýolbaşçylarynyň bilelikdäki maslahatyny geçirýär. Maslahatda talyplaryň işiň meýilnama laýyklykda gidişi baradaky habarlary diňlenilýär we şol maglumatlaryň esasynda olaryň işleriniň deslapky goralmaly möhleti anyk bellenilýär. Şu bellenilen möhlete işi taýýarlamak talyp we onuň ýolbaşçysy üçin hökmanydyr. Eger kesgitlenen möhletde talyp işi ýetişdirmese, kafedranyň habarnamasy esasynda rektoryň buýrugy bilen ony goramaklykdan aýyrmak bolýar.

## *DIPLOM IŞINIŇ TAÝÝARLANYLYŞY*

Diplom işiniň taýýarlanylyş derejesi çap etmäge ugradylýan işlerden edilýän talaplara laýyk gelmeli. Şonuň üçin Gözükdirijide (1-nji goşundy, 3.26-a seret!) diplom işlerinden edilýän talaplar görkezilýär.

Diplom işiniň esasy babynyň mazmuny ähli tekstiň 3/4 bölegini düzýär. Abzasdan ýazylyşy, sahypanyň gyrasyndan birneme saga çekilip ýazylyp başlanylýan görnüşde, diplom işinde başdan aýaga çenli birmeňzeş, deň bolmaly.

Diplom işiniň baplarynyň, bölümçeleriniň, soraglarynyň we ş.m. atlary çap edilişiň şriftiniň ululyk möçberi *Times New Roman* şriftinde 14 ululykda ýazylanda (beýleki şriftlerde çap edilende Times New Roman şriftindäki 14 ululyga gabat gelmeli) ýokarysyndan we aşagyndan üç setiraradan (interwaldan) ýazylyp, tekstden bölünýär.

Diplom işiniň hemme sahypalary (suratlar, çyzgylar we goşmaçalar ýerleşdirilen sahypalar hem) titul sahypadan iň soňky sahypa çenli tertip boýunça galdyrylman we gaýtalanylman belgilenilýär. Birinji sahypa titul sahypa hasaplanylýar. Oňa "1" san goýulmaýar, ýöne indiki sahypa "2" san goýulýar. Sahypalaryň tertip belgisi, görkezijide aýdylyşy ýaly, aşaky gyrada goýlan ýeriň ortasynda ýazylýar.

Goşmaça köp bolsa, olary aýratyn jilt görnüşinde taýýarlamak hem bolýar. Jildiň möçberi çäklendirilmeýär. Şeýle jildiň titul sahypasy hem edil diplom işiniňki ýaly bolýar. Diplom işiniň tekstinde tablisalaryň, suratlaryň, çyzgylaryň we ş.m. goşmaça jildiň haýsy sahypasynda ýerleşdirilendigi görkezilýär. Mysal üçin, işde Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň 2000-2005-nji ýyllardaky ösüşi barada gürrüň edilende, onuň san maglumatlary arkaly görkezilişiniň goşmaçanyň haýsy sahypasyndadygy aýdylýar.

Goşmaça jildiň bardygy diplom işiniň mazmunynda görkezilýär. Şular bilen birlikde talyp diplom işini ýazanynda öz beýan ediş özboluşlylygynyň we aýratynlygynyň bolmalydygyny

unutmaly däldir. Taryhy barlaglary alyp barýanyň dili anyk, düşnükli bolmalydyr. Şeýle-de talyp ylmy adalgalary başarnykly peýdalanmaga borçludyr. “Ylmy dolanyşygyň” sözlerini we ugurlaryny adatdan daşary köp ulanmaga höwesek hem bolmaly däl. Peýdalanylan çeşmelerdäki durnukly söz düzümlerini we söz baýlygyny juda seresap peýdalanmaly. Aýratyn adalgalary we ugurlary işiň mazmunyna başarnykly girizmek öwrenilýän döwrüň aýratynlygyny has inçelik bilen görkezmäge mümkinçilik berýär.

Şeýle-de taryhçy talyp ýazýan zatlaryny diňe häzirki döwrüň okyjylary üçin ýazmaýandygyny ýatda saklamaly. Şonuň üçin hem seýrek ulanylýan sözleri goşadyrnak (“”) içinde bermeli, düşnüksiz sözleri bolsa çykgytda düşündirmeli.

Diplom işini ýazmaga girişilende öwrenilýän meselä bagyşlanylan, onuň bilen baglanyşykly Türkmenistanyň Prezidentiniň Permanlaryny, Kararlaryny, Türkmenistanyň Mejlisiniň kabul eden resminamalaryny öwrenmekden başlamak zerur. Işde olara salgylanmak üçin gerekli maglumaty ýazgy etmek ýerlikli bolýar. Çykgytda bolsa olaryň jildini we sahypasyny görkezmeli. Şeýle çemeleşme tekstiň dogrulygy barlanylanda ýa-da işe salgylanma girizilende kitapdan gerekli ýeri tapmagy ýeňilleşdirýär.

Iş boýunça edebiýaty öwrenmek üçin talyp döwlet, şäher we uniwersitetiň kitaphanasy bilen tanyşmaly. Kitaplar, esasan, elipbiý yzygiderliginde we ulgamlaýyn görnüşdäki tertipde ýerleşdirilýär. Birinji görnüşde kitaplaryň awtorlary elipbiý tertibinde berilýär. Ulgamlaýyn görnüşde kitaplar ylymlaryň pudaklary boýunça ýerleşdirilýär. Kitaplaryň elipbiý tertibindäki ýerleşdirilişi boýunça okyjy özüni gyzyklandyrýan awtoryň näme ýazandygyny aýdyňlaşdyryp bilýär. Kitaplar ulgamlaýyn görnüşde ýerleşdirilende, ylymlaryň dürli pudaklarynyň özara arabaglanyşygyny açýan ol ýa-da beýleki mesele boýunça näme ýazylandygyny, olaryň logiki yzygiderliligini görkezýär. Iň esasy zat bolsa, garyşyk meseleler boýunça edebiýaty gözläp tapmaklygy ýeňilleşdirýär.

Elipbiý tertibinde ýerleşdirilen kitaplardan peýdalanmagyň esasy düzgünleri örän ýönekeý. Onuň üçin şu aşakdakylary ýatda saklamak ýeterlikdir:

**Ýazgy** kagyzlary (kartoçkalar) kitaplaryň mazmunyna seretmezden, onuň awtorynyň familiýasy, ady we kitabyň ady boýunça ýerleşdirilýär. Eger birinji söz ýa-da bogun gabat gelse, ýazgy kagyzlary ikinji bogun ýa-da söz boýunça ýerleşdirilýär. Eger olar hem gabat gelse-üçünji boýunça we ş.m.;

Awtorlaryň familiýalary birmeňzeş bolan halatynda, onda ýazgy kagyzlary awtorlaryň atlarynyň tertibi boýunça ýerleşdirilýär;

Bir awtoryň familiýasy, ady ýazylan ýazgy kagyzlarynyň arasynda, ilki bilen, olaryň eserleriniň doly ýygyndysy, soň eserleri, soň saýlanan eserleri, ondan soň atlary elipbiýde getirilmek bilen ýazylan, aýratyn neşir edilen eserleri görkezilen ýazgy kagyzlary ýerleşdirilýär. Şol bir eseriň dürli neşirleri ýazylan ýazgy kagyzlary ilki soňky neşir, soň öňküler görkezilmek bilen ýerleşdirilýär. Eger kitap köpçülik, ýagny dört, ondan hem köp awtor tarapyndan ýazylan bolsa, ony ady boýunça gözlemek gerek;

Hökümet edaralarynyň we jemgyýetçilik guramalarynyň neşirleri ýazylan ýazgy kagyzlary göni yzygider tertipde (mysal üçin, Türkmenistanyň XIX Halk Maslahaty, Türkmenistanyň XX Halk Maslahaty we ş.m.) ýerleşdirilýär.

Kitaphananyň ulgamlaýyn kataloglarynda ýerleşdirilen edebiýatdan peýdalanylanda elipbiý – ders görkezijilerden başlansa amatly bolýar. Bu görkezijilerde ylymlaryň pudaklarynyň atlary, ylmy meseleler, adalgalar, dersler elipbiý tertibinde getirilýär.

Elipbiý – ders görkezijileriniň kömegi bilen ulgamlaýyn katalogda kitabyň ýa-da makalanyň mazmuny boýunça haýsy bölüme, meselä degişlidigini aňladýan indeksini – harplary, sanlary, harpyň we sanyň utgaşdyrylmagyny kesgitläp bolýar.

Ulgamlaýyn katalogdan peýdalanylanda görkeziji ýazgy kagyzlary hem uly kömek edýär. Olarda gyzyklandyrýan meselä golaý ýa-da onuň bilen garyşyk mesele baradaky edebiýatyň haýsy

bölümde ýerleşdirilendigi we nähili belgiler bilen belgilenilendigi görkezilýär.

Uly kitaphanalarda ulgamlaýyn we elipbiý kataloglaryndan başga-da, ders kataloglary-da bolýar. Mysal üçin, okyja depeler barada edebiýat gerek bolsa, ders katalogy boýunça ony "arheologiýa" bölüminden (ulgamlaýyn katalogdaky ýaly) gözlemän, elipbiý boýunça *"D"* harpyndan gözlemeli ýa-da agar çäkmen hakyndaky edebiýaty *"A"* harpy ýerleşdirilen ýazgy kagyzlarynyň arasyndan gözläp tapmaly we ş.m.

Kataloglardan peýdalanma endigi bolmadyk okyjylara ders kataloglaryndan peýdalanmak has ýeňil düşýär. Sebäbi munuň üçin kitaplaryň toparlara bölüniş ulgamyndan baş çykaryp bilmek hökman däl. Aýratyn hem ol anyk meseleler boýunça maglumat almaklyga gönükdirmeklige amatlydygy bilen tapawutlanýar.

Diplom işine degişli edebiýat bilen tanyşmakda her bir neşir üçin awtoryň familiýasy, ady, işiň ady, neşir edilen ýeri we ýyly, kitabyň belgisi görkezilen maglumatlar ýazylan ýazgy kagyzy doldurylsa has ýerlikli bolýar. Ýazgy kagyzynyň arka tarapyna anyk maglumatlary, sanlary, seneleri we sahypasyny görkezip, gysga bellikler etmeklik maslahat berilýär.

Ýazgyny diňe ýazgy kagyzlarynda alyp barman, eýsem aýratyn sahypanyň bir ýüzünde maglumatyň alnan ýerini anyk we doly görkezip alyp barsaň-da bolýar. Ýazgy ýörite ýazgy kagyzlarynda ýa-da aýratyn kagyzda bolsa, baplar we bölümçeler boýunça ulgamlaşdyrmagy umumy depdere edilen ýazgylara garanyňda has ýeňilleşdirýär.

Käbir diplom işi taýýarlanylanda döwürleýin neşirleri – gazetleri, žurnallary we ş.m. öwrenmek zerurlygy ýüze çykýar. Döwürleýin neşirler okalanda hem ýazgy kagyzlarynda gazetiň ýa-da žurnalyň ady, sany, çykan senesi görkezilip bellenilse ýerlikli bolýar.

Eger talybyň işinde arhiw maglumatyny peýdalanmak zerurlygy ýüze çyksa, onda, dekanlykdan arhiwde işlemäge ygtyýarnama

berilmegi soralyp arhiwe ýazylan haty almak gerek. Arhiw maglumatlarynda ýazgyny dogry alyp barmak üçin düşündirişi arhiw hünärmeni berse has-da ýerine düşýär. Maglumat ýygnalýan (toplanýan) döwürde ony işläp taýýarlamak hem alnyp barylýar. Ýöne, esasy iş ähli maglumat ýygnalandan soň başlanýar.

Iş bilen baglanyşykly ýygnalan maglumatlary derňemek diplom işinde öňde goýlan meseleleleri çözmäge mümkinçilik berýär.

Diplom işini garalama nusgada ýazmak maksadalaýyk bolýar. Beýle etmek teksti rejelemäge, artykmaçlaryny aýyrmaga, netijeleri düşnükli beýan etmäge mümkinçilik berýär. Soňra işiň aýratyn bölegini ýa-da tutuş işi ýazmaly we ylmy ýolbaşça görkezmeli.

Talybyň diplom işiniň ýerine ýetirilişine gözegçilik etmek üçin oňa okuw ýylynyň başynda iş boýunça ýumuş tabşyrylýar. Talyba ýumuş tabşyrylýan ýörite resminamada diplom işini ýerine ýetirmek üçin zerur maglumatlar, işiň düzümi (baplaryň atlary we mazmuny), diplom işini ýerine ýetirmegiň aý-günlük meýilnamasy we beýlekiler anyk görkezilýär. Diplom işi boýunça talyba ýumuş tabşyrylýan resminama kafedra müdiri tarapyndan tassyklanylýar.

Ylmy ýolbaşçy talyp bilen bilelikde işiň aý-günlük meýilnamasyny düzenlerinde diplom işiniň baplarynyň ýerine ýetirilmäge başlanýan we gutarýan möhletini (aýy we güni) anyk görkezýärler. Ylmy ýolbaşçy talybyň şu meýilnama boýunça işleýşini aýda iki gezekden az bolmadyk ulgamlaýyn söhbetdeşlik (seneleri görkezilen meýilnama laýyklykda) arkaly barlaýar. Şeýle-de eger zerurlyk ýüze çyksa, iş boýunça ýörite maslahat berýär. Diplom işini barlamaklyk bölekleýin-de tutuşlygyna-da amala aşyrylyp bilner.

Talybyň diplom işini ýerine ýetirişine ylmy ýolbaşçydan başga-da kafedranyň müdiriniň we fakultetiň dekanynyň hem gözegçilik etmekleri zerurdyr. Gözegçilik etmek üçin käte işiň aýratyn baby boýunça ýörite maslahatçy çagyrmak hem maksadalaýyk bolýar. Olar işiň öz ugurlaryna laýyk gelýän

baplaryny barlaýarlar we babyň ahyrynda onuň ylmy taýdan esaslandyrylandygyna güwä geçýän öz gollaryny çekýärler.

Diplom işleriniň ýerine ýetirilişine gözegçilik etmegiň has netijeli usullarynyň biri talybyň diplom işi bilen baglanyşykly ylmy-amaly maslahatlarda çykyş etmegidir. Beýle ýagdaýda talybyň bilimini we ylmy barlaglaryň toplumyndaky başarnygyny onuň ýoldaşlary ara alyp maslahatlaşyp kesgitleýärler.

Diplom işine jemleýji barlag talybyň gutarnykly taýýarlanylan diplom işini ylmy ýolbaşçysyna tabşyrmagy bilen başlanýar.

Talyplaryň diplom işleriniň deslapky goralyşy mart aýynyň ahyrlarynda-aprel aýynyň başlarynda guralsa ýerlikli bolar. Diplom işleriniň deslapky goralyşynda talybyň diplom işiniň ýazylyşynyň ýagdaýy, derejesi iş boýunça soraglar bermek arkaly anyklanylýar. Bibliografik salgylanmalaryň getirilişi we ýazylyş tertibi, ulanylan edebiýat gözden geçirilýär. Talybyň diplom işi boýunça gelen netijesi, garaýyşlary, çeşmeler bilen üpjünçiligi, taryhnamasy baradaky pikirleri diňlenilip, gerek bolsa degerli maslahatlar berilýär. Talyp deslapky goralyşda berlen maslahatlary we edilen bellikleri nazarda tutup, diplom işiniň üstünde işlemegini dowam etdirmek arkaly goýberilen säwlikleri, kemçilikleri düzedýär.

Şeýle-de talyp diplom işini goramaklygyň tertibi bilen-de tanyşýar. Ol diplom işini goran wagtynda ony nähili beýan etmelidigine, ýüze çykan soraglara nähili jogap bermelidigine we ş. m. üns bermelidir.

Deslapky goralyşda talybyň diplom işini ýazmagy gutarnykly tamamlap, kafedra tabşyrmaly wagtynyň ahyrky möhleti kesgitlenilýär.

## *DIPLOM IŞINIŇ YLMY SALGYLANMA GURLUŞY*

Talyp diplom işini ýazanynda hökman çeşmelere we edebiýata salgylanmaly bolýar. Ol şonda öz işinde salgylanýan maglumatyny ýa-da aýratyn netijäni nireden alandygyny görkezmeli. Şeýle

salgylanma işde salgylanylýan resminamadaky maglumatyň, hakykatdan hem, dogrudygyna güwa geçýär. Salgylanma resminama hakynda, onuň mazmuny, göwrümi, tekstiň dili we şuňa meňzeşler baradaky zerur maglumatlary berýär.

Düzgün bolşy ýaly, esasan, soňky çap edilen neşirlere salgylanylýar. Has irki neşirlere diňe soňky neşirlere girmedik zerur maglumatlar bar bolan ýagdaýynda salgylanylýar.

Şeýle salgylanma getirilende, san maglumatlary peýdalanylanda, olaryň alnan çeşmesini görkezmek zerurdyr.

Salgylanma çykgytda, ýagny sahypanyň aşagynda berilýär. Bir sahypada bir we birnäçe salgylanma getirilse, olar belgilenilýär.

Salgylanma tekste laýyk gelýän düşündiriş bilen girizilýär we goşadyrnak (“”) içine alynýar.

Diplom işinde edebiýata sözme-söz salgylanma aşakdaky görnüşlerde peýdalanylyp bilner.

Munda salgylanylýan çeşmedäki maglumatlary hiç hili üýtgetmän ýazmaly. Peýdalanylýan çeşmäniň dili agyr bolup, ony häzirkizaman türkmen diliniň kada-kanunyna laýyklykda ulanmak gerek bolsa ýa-da onda gabat gelýän ýalňyşlyklar düzedilse, tekstiň aşagynda düşündiriş bermeli. Meselem, “Oguznama” salgylanylanda, Oguz hanyň Şama ýörişi: “Oglanlary ileri (öňe) iberip, özi ardyndan (yzyndan) gider erdi”[1] diýlip suratlandyrylýar. S.L.Parolowyň 1931-nji ýylda neşir edilen “Туркменские игры” diýen kitapçasynda milli oýunlarymyzyň atlarynyň nädogry ulanylan ýerleri gabat gelýär. Salgylanmada kitap ýa-da metbugat neşirlerinde çap edilende ýol berilen nätakyklyklar düzedilende-de düşündiriş bermeli bolýar. Ýagny, olary häzirki döwrüň dürs ýazuw kadalaryna we düzgünlerine laýyklykda taýýarlamaly (ýazmaly) bolýar.

Sözme-söz salgylanma hökman awtoryň öz işi boýunça getirilmeli. Meselem, biz M.Aýdogdyýew bilen A.Nazarowyň

[1] Duşmanyň äsgermezlik bilen urşa girmegini gazanmak üçin, goşuny ikä bölüp, gerekli pursatynda esasy zarbany urmaly güýji yzda saklamak söweş usuly barada gürrüň edilýär.

"Baýram han türkmen we onuň döwri" atly kitabyny okanymyzda awtorlaryň mukaddes Ruhnama salgylanýandyklaryny görýäris. Emma biz M.Aýdogdyýew bilen A.Nazarowyň işinden däl-de, mukaddes Ruhnamanyň özünden salgylanma almaly.

Eger-de, şol salgylanylýan çeşme ýa-da edebiýat biziň elimizde ýok bolsa, ýagny elýeterli däl bolsa, hökman tekstde şeýle görkezmeli. Meselem, G. Hanmyradowyň "Sarahs – kerwen ýollarynyň çatrygynda" atly kitabynda "IX asyryň arap taryhçysy Hordadbegiň 847-nji ýylda ýazan "Kitab al-mesalik wa-l-memalik" ("Ýollaryň we welaýatlaryň kitaby") diýen işinde Beýik ýüpek ýolunyň Nişapur-Sarahs şahasy barada ilkinji gezek taryhy maglumatlar getirilýär. Awtor: "Nişapurdan Badgisa çenli 4 farsah, soňra Hamra çenli 6 farsah, Tus okrugyndan bolan Musakkaba çenli 5 farsah, Nukana çenli 5 farsah, Alkina çenli 8 farsah, Sarahsa çenli 6 farsah, Bagdatdan jemi 345 farsah ýol"[1] diýip ýazandygyny belleýär.

Diýmek, sözme-söz salgylanmany alan ýeriňde yz ýanyndan, ýaýyň içinde nireden alandygyňy doly görkezmeli. Eger awtor başga kitapdan alan bolsa, onda aşakda çykgytda getirmeli. Sözme-söz salgylanma indiki ýagdaýlarda baş harp bilen ýazylyp başlanýar:

1. – **:** nokatdan soň we çeşmede täze sözleme başlanylanda.

2. Aşgabat ýaly has atlar bilen başlanylanda.

3. Salgylanylýan sözlemiň başyndan 1-2 sany söz galdyrylan bolsa üç nokat (**...**) goýmaly we baş harp bilen başlamaly.

Şeýle-de, jyns atlar bilen başlanylanda ýa-da salgylanylýan sözlemiň başyndan ortasyna çenli sözler galdyrylsa, köp nokat goýmaly we setir harp bilen ýazylyp başlanmaly.

Mysal üçin, Beýik Sapamyrat Türkmenbaşy: "... şunda ýokary bilim derejesi – hünärmenligi, syýasy we hukuk medeniýeti bilen tapawutlanýan, halal, öz oý-pikirlerinde, işlerinde päk ýüreklilik, öz Watanyna, halkyna, Türkmenistanyň Prezidentine berlenlik ýagdaýy aýratyn bellenilmelidir..." (Saparmyrat Türkmenbaşy. Ruhnama. 273 s.).

[1] Seret: **Hanmyradow G.** Sarahs – kerwen ýollarynyň çatrygynda. – Aşgabat: Ylym, 2004. 26 s. МИТТ. T.I. C. 144.

Salgylanmalary işde zerur bolan halatynda getirmeli. Işde getirilýän salgylanmalar ähmiýeti we orny boýunça tapawutlanýarlar:

– çeşmäniň özüne;

– çeşmäniň içindäki çeşmä, ýagny öz işinde şol çeşmäniň içindäki irki çeşmä salgylanyp, maglumaty bize ýetirýär. Mysal üçin, Abulgazynyň "Türkmenleriň nesil daragty" atly işinde "Ergenokon" dessany barada maglumat getirilýär. Bu dessanyň bize elýeterli däldigi üçin Abulgazynyň işiniň içinde getirilýän maglumatlara salgylanylýar;

– awtorlar öz işinde özünden öňki çeşmeleri getirýärler we şol çeşme barada giňişleýin maglumat berýärler. Bizde çeşmäniň özi ýok, ol barada getirilýän maglumata salgylanýarys;

-görkezijilere, maglumat berijilere salgylanyp, olardan gerek maglumatlarymyzy alýarys. Meselem, I.N.Hlopin barada iş ýazylanda, onuň özi we çap edilen işleri barada maglumat berýän görkezijiden peýdalanmak bolýar.

Şular bilen birlikde, salgylanmalar tekstde ýerleşýän ýeri boýunça hem tapawutlanýarlar:

Tekstiň içindäki salgylanma, çeşmeden alnan salgylanmanyň ep-esli bölegi esasy tekste girizilende peýdalanylýar. Beýle ýagdaýda bu maglumatlar çykgytda gaýtalanylmaýar. Salgylanylýan çeşme baradaky pikir, käbir ýetmeýän maglumatlar (çeşmäniň neşir edilişi baradaky maglumatlar, sahypa) ýaýyň içinde getirilýär.

Mysal üçin, A. Begjanow özüniň "Ärsary baba we ärsarylar" atly işinde Ärsary babanyň nesil daragtyny yzarlaýar: "Ärsary babanyň şu şejerede ady getirilen nesilleriniň her biri häzirki ärsary taýpasynyň uruglarynyň ady bilen, esasan, gabat gelýär" (-Aşgabat: Ruh, 1993. 13 s.).

Kitabyň neşir edilişi baradaky maglumatlar, onuň adynyň yzyndan hem getirilip bilner. Mysal üçin, A.Begjanow özüniň "Ärsary baba we …" atly işinde (-Aşgabat: Ruh, 1993) diýip ýazýar (13 s.).

Eger tekstde diňe awtoryň familiýasy getirilýän bolsa, onuň işini ýaýyň içinde doly ýazmak gerek. Mysal üçin, bu barada A.Begjanow... ýazýar (Begjanow A. Ärsary baba we ärsarylar. – Aşgabat: Ruh, 1993. 13 s.).

Awtor işi köp sanly çeşmelere daýanyp ýazanda, tekstiň daşyndaky, ýagny işiň babynyň, bölümçäniň soňundaky salgylanmany ulansa has ýerlikli bolýar. Beýle salgylanma şol bir çeşmä birnäçe gezek salgylanylanda ony gaýtalap ýazmaklykdan halas edýär.

Tekstiň daşyndaky salgylanmada çeşmelerdir edebiýatyň sanawyny beýan etmegiň iň amatly usuly olary ulgamlaýyn ýa-da elipbiý tertibinde bermekdir.

Tekstde arap sanlary bilen setiriň ugrunda inedördül ýaýda ýerleşdirilen salgylanma çykgyt bilen baglanyşykly bolýar. Meselem, tekstde:

Türkmen halkynyň XIX asyryň ortalaryndaky erkinlik ugrundaky göreşleri birnäçe işlerde açylyp görkezilýär. [3, 5],

Tekstiň daşynda:

3. Abdysetdar Kazy. Jeňnama – tekeleriň uruş kyssa kitaby. – Aşgabat, 1994.

Eger tekstde tegelek ýaýlar peýdalanylmadyk bolsa, salgylanmalaryň belgilerini tegelek ýaýda görkezmek bolýar.

Çeşmeden salgylanma alnanda çykgytda neşiriň tertip belgisinden başga-da, onuň sahypasyny görkezmek zerur. Meselem, tekstde:

[7, 30 s.].

Tekstiň daşynda:

7. Hanmyradow G. Sarahs – kerwen ýollarynyň çatrygynda. –Aşgabat: Ylym, 2004. 30 s.

Eger sanaw belgilenilmedik bolsa, onda salgylanma tekst bilen awtoryň familiýasy we maglumat alnan çeşmäniň neşir edilen ýyly arkaly baglanyşdyrylýar. Şeýle ýagdaýda, eger awtoryň familiýasy esasy tekstde getirilýän bolsa (meselem, (Hanmyradow G.), salgylanylýan ýa-da alnan sözleriň sahypasyny (ýa-da sahypalaryny) inedördül ýaýda görkezmeli, Mysal üçin: [30, 48–52 s.].

Eger tekstiň daşyndaky sanawda şol bir awtoryň birnäçe işi bar bolsa, tekstde awtoryň familiýasyndan soň işiň neşir edilen ýyly we salgylanylýan sahypasy görkezilýär. Meselem, tekstde:

A.Ýazberdiýew şeýle diýip ýazýar: "……" [Ýazberdiýew A., 2002. 26 s.].

Tekstiň daşyndaky sanawda:

Ýazberdiýew A. Gündogar metbeçiligi we köne türkmen basma kitaplary. – Aşgabat, 2002.

Şol awtoryňky. Köne türkmen basma kitaplary. –Aşgabat, 2004. 450 s.

Awtor utgaşdyrylan salgylanmany (mysal üçin, setir aşagynda salgylanmanyň tekstiň içindäki salgylanma bilen utgaşdyrylmagy) hem işde ulanyp bilýär.

Setir aşagyndaky (keseligine ýazylan setirlerden soň, esasy tekstiň aşagynda, ýagny her sahypanyň aşagynda ýerleşdirilýär) salgylanma has amatlydygy bilen beýlekilerden tapawutlanýar. Sebäbi munda teksti okap düşünmek ýeňil bolýar, onuň içinde salgylanylýan çeşme ýa-da kitap hakyndaky maglumatlar getirilmeýär hem-de salgylanmanyň alnan çeşmesi hakyndaky maglumat tekstiň aşagynda görnüp durýar, ony tekstiň içinden gözlemek gerek bolmaýar.

Setir aşagyndaky salgylanmada neşir ýa-da salgylanma birinji gezek ulanylanda, ol hakyndaky esasy maglumatlary doly görkezmeli.

Salgylanmany tekst bilen baglanyşdyrmak üçin ýörite belgiler ulanylýar. Munda her sahypadaky tertip belgileri görkezýän sanlar has amatly belgi bolup durýarlar. Beýle belgi tekstdäki salgylanmadan soň goýulýar. Meselem:

A.Ýazberdiýew şeýle diýip ýazýar: "Dünýäniň medeniýetli uly we kiçi halklarynyň ählisinde milli metbeçiligi başlan adamlara uly sarpa goýulýar. "Hiçden – giç ýagşy" diýlişi ýaly, A.Abdalowyň ömrüni, döredijiligini, kitap neşir etmekde, metbugaty ösdürmekde bitiren hyzmatlaryny öwrenmekde, olara baha bermekde biziň köp işler etmegimiz gerek…".

Ýazberdiýew A. Gündogar metbeçiligi we köne türkmen basma kitaplary. – Aşgabat, 2002. 229 s.

Eger salgylanmadan soň düşündiriş berilýän tekst gelýän bolsa, salgylanmanyň belgisi onuň yzyndan däl-de, şol tekstden soň goýulýar. Meselem:

Nişapur – Sarahs, Sarahs – Merw, Sarahs – Hyrat, Sarahs – Mäne, Sarahs – Merwerud kerwen ýollaryndaky ilatly ýerleriň sanynyň birden pese gaçmagynyň mongol basybalyşlary döwründe gabat gelýändigini G.Hanmyradow belleýär.[1]

Eger awtor başga dillerde ýazylan işlere salgylansa, ol baradaky maglumatlar hem asyl nusgadaky dilde getirilýär. Meselem:

A.Ýazberdiýewiň "Старопечатные туркменские книги (проблемы собрания, библиографирования и изучения)…"

Язбердиев А. Старопечатные туркменские книги (проблемы собрания, библиографирования и изучения). – М: Ориент-Пресс 2001. С…

Salgylanylýan işiň (kitabyň) çapdan çykyşy baradaky maglumat, eger-de ol tekstde bölekleýin (bir, iki gezek her ýerde) getirilse, çykgytda doly gaýtalanylýar. Meselem:

M.Durdyýew "Nusaý – Parfiýa döwletiniň paýtagty" atly kitapçasynda şeýle diýip ýazýar: "Parfiýa döwleti Rim, Hindistan we Hytaýyň aralygynda ýerleşmek bilen, möhüm halkara söwda ýollarynyň üstünden agalyk edýär".

Durdyýew M. Nusaý – Parfiýa döwletiniň paýtagty. – Aşgabat: Harp, 1992. 5 s.

Eger bir sahypada şol bir işe yzygider birnäçe gezek salgylanylsa, onda salgylanma gaýtalanylanda: "Şol ýerde" diýen söz getirilýär we salgylanmanyň alnan sahypasynyň belgisi goýulýar. Meselem:

---

[1] Seret: Hanmyradow G. Sarahs – kerwen ýollarynyň çatrygynda. – Aşgabat: Ylym, 2004. 61 s.

1. Şol ýerde, 17 s.

Bir işe ýene-de gaýtalanylyp salgylanylanda ara çykgyt düşse, laýyk gelýän sahypada diňe awtoryň familiýasy we ady, işiň ady getirilýär. Meselem:

1. Hanmyradow G. Sarahs – kerwen ýollarynyň çatrygynda… 33 s.

Köp jiltli neşire gaýtalanylyp salgylanylsa, onda jildiň, goýberilişiň ýa-da böleginiň belgisi görkezilýär. Meselem:

1. Şol ýerde, 2 j. 110 s.

Eger bir sahypada bir neşirde çap edilen dürli makalalardan yzygider salgylanma getirilse, awtoryň familiýasy, ady, makalanyň ady görkezilip, soň ýygyndynyň çap edilişi baradaky maglumatlar getirilýär. Meselem:

Gubaýew A., Orazgylyjow Ý. Türkmenistanyň gadymyýetinde ilkinji döwletler. / Türkmen taryhynda döwlet meselesi (gadymyýet we orta asyrlar). – Istanbul, 1998. 13 s.

Çap edilen eserler ýygyndysyna salgylanylsa, düzgün bolşy ýaly, awtoryň familiýasy we ady gaýtalanylýar. Meselem, tekstde: Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy "Asudalyk. Agzybirlik. Jebislik" diýen işinde şeýle diýip ýazýar: "Adamzat ösüşiniň geçmişinde bilimdar, ylymdar adamlar uly hormatdan peýdalanypdyr. Olaryň patyşalaryň mejlislerinde törden orny bolupdyr".

Çykgytda:

Saparmyrat Türkmenbaşy. Eserler ýygyndysy…, 2 j., 93 s.

Eger işde şol bir awtoryň diňe bir işine gaýtalanylyp salgylanylýan bolsa, "görkezilen iş" diýlip alynýar. Meselem:

1. Hanmyradow G. Görkezilen iş., 16 s.

Eger gaýtalanylýan salgylanma şol bir işde hem-de şol bir sahypada bolsa, çykgytda "şol ýerde" diýlip berilýär. Sahypa görkezilmeýär. Eger gaýtalanylýan salgylanma başga sahypada bolsa, onda "şol ýerde" diýen sözüň yzyndan sahypasy görkezilýär. Meselem:

1. Şol ýerde.

2. Şol ýerde, 20 s.

"Şol ýerde" diýen sözi döwürleýin neşirler (gazet, žurnal) peýdalanylanda gaýtalanylyp salgylanylanda hem ulanmak bolýar. Meselem:

1. "Türkmenistan". 2004. 6-njy dekabr.

2. Şol ýerde, 10-njy dekabr.

3. Şol ýerde.

Talyp diplom işini ýazanynda taryh ylymlarynyň kandidaty hem-de taryh ylymlarynyň doktory diýen alymlyk adyny almak üçin ýazylan dissertasiýalary ýa-da awtoreferatlary-da peýdalanmaly bolýar.

Meselem, işde A.Begjanow: "Maňgyşlagyň türkmen taýpalarynyň baştutanlary soltan, bagşy, kerwenbaşy, batyr, onbegi, atalyk ýaly derejelere eýe bolupdyr. Şol atlaryň käbiri nesildennesle geçipdir" diýip ýazýar.

Çykgytda: Begjanow A. Demirgazyk-Günbatar türkmenleri XVIII–XIX asyrlarda. / Taryh ylym. dok. dissertasiýasy. – Aşgabat, 1993. 22 s.

Ýene-de, meselem, işde J.Annaorazow Türkmenistanyň taryhynyň Beýik Watançylyk urşy döwrüniň taryhnamasynyň öwrenilişi barada şeýle diýip ýazýar: "Türkmenistanyň taryhynyň Beýik Watançylyk urşy döwrüniň taryhnamasy juda gowşak öwrenilen".

Çykgytda: Annaorazow J.S. Türkmenler Sowet Soýuzynyň 1941–1945-nji ýyllardaky Beýik Watançylyk urşunda (meseläniň taryhnamasy). / Taryh ylym. kand. diss. awtoreferaty. – Aşgabat, 1993. 10 s.

Maglumat berýän çeşme hökmünde gazete salgylanylanda, awtoryň familiýasy, ady (awtory görkezilmeýän baş makala bolmadyk ýagdaýynda), gazetiň ady, ýyly, aýy we senesi

görkezilýär. Eger gazetiň möçberi 6 sahypadan köp bolsa, makalanyň ýerleşen sahypasyny görkezmeli. Gazetiň ady goşadyrnak ("") içine alynmaýar. Meselem:

1. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Umumymilli "Galkynyş" Hereketiniň we Türkmenistanyň Demokratik partiýasynyň nobatdan daşary V gurultaýlarynyň bilelikdäki mejlisinde sözlän sözi. Türkmen döwlet neşiriýat gullugy. 2007 ý.

2. Annaorazow J. Türkmeniň hökümdar gyzy. // Edebiýat we sungat. 2004. 5-nji noýabr. 7 s.

Çap edilmedik arhiw maglumatlaryna salgylanylanda arhiwiň ady, soň otur arkaly gaznanyň, ýazgynyň, işiň, kagyzyň ýa-da kagyzlaryň belgileri görkezilýär. Meselem:

1.Türkmenistanyň Merkezi döwlet arhiwi. (Mundan beýläk TMDA ). 125 g., 6 ý., 866 iş., 122 k.

Soň işiň beýleki sahypalarynda salgylanylsa, arhiwiň ady gysgaldylyp, beýleki ýazgylar doly ýazylýar:

1. TMDA, 3 g., 2 ý., 150 iş., 11 k.

Ýa-da

1. Türkmenistanyň Syýasy resminamalarynyň merkezi döwlet arhiwi. (Mundan beýläk TSRMDA). 300 g., 2 ý., 45 iş., 9 k.

2. TSRMDA. 1710 g., 7 ý., 4 iş., 263 k.

Talyp diplom işini ýazanynda öwrenýän işi boýunça habarçylaryň berýän maglumatlaryny-da peýdalanmaly bolýar. Işde habarçynyň beren maglumatlary getirilse, çykgytda olaryň familiýasy, ady, doglan ýyly, ýaşaýan ýeri görkezilýär. Meselem:

Çykgytda: Myradow Almaz, 1920-nji ýylda doglan. Daşoguz welaýatynyň Görogly etrabynyň Kelleli obasy.

Eger bir sahypada bir obada ýa-da şäherde ýaşaýan habarçylara salgylanylsa, ilkinjisiniň familiýasy, ady, doglan

ýyly ýazylyp, beýleki maglumatlar “şol ýerde” diýmek bilen aňladylýar.

Iş ýazylanda internet maglumatlaryndan hem peýdalanylýar. Meselem, Çîđč÷ Ŕ. Óňňđîéňňâî č ęëŕńńčôčęŕöč˙ đčńŕňĺëüíîő ěŕđčí. http: IIX legio-engio. enjoy. ru/ktp 01. htm. C. 3.

## *PEÝDALANYLAN EDEBIÝATYŇ SANAWYNY DÜZMEK WE TAÝÝARLAMAK*

Iş ýazylanda peýdalanylan edebiýatyň sanawy ylmy barlaglaryň düzüm bölegi bolup, ol talybyň meseläni öwrenişiniň derejesini şöhlelendirýär.

Diplom işi ýazylanda peýdalanylan edebiýatyň sanawy taýýarlanylanda, olary ýerlikli saýlamak möhüm ähmiýete eýedir. Edebiýatyň sanawynda peýdalanylan ähli edebiýat görkezilýär.

### *Edebiýatyň toparlary*

Işde ulanylan edebiýatyň sanawy düzülende elipbiý, ulgamlaýyn tertipde, diplom işiniň baplary boýunça tekstde ýatlanylyşyna laýyklykda yzygiderlilikde ýerleşdirilişi we beýlekiler has giň ýaýran usullardyr.

Edebiýat elipbiý tertibinde ýazylanda, olar awtoryň familiýasy, ady, kitabyň we makalanyň ady boýunça (türkmen elipbiýindäki we beýleki elipbiýdäkiler aýratynlykda) toparlara bölünýär. Diplom işi ýazylanda peýdalanylan edebiýatyň sanawy düzülende, şu tertipde düzmeklik has maksadalaýykdyr (seret, 4-nji goşundy).

Bilelikde ýazylan işler awtorlaryň familiýalarynyň elipbiý tertibinde gelşine laýyklykda ýazylýar. Familiýalary birmeňzeş awtorlaryň işleri olaryň familiýalary bilen öz atlarynyň baş harplarynyň elipbiý tertibinde gelşine görä alynýar.

Ulgamlaýyn görnüşde edebiýat bölümiň içinde elipbiý tertibinde ýerleşdirilýär. Umumy häsiýetli edebiýat, ýagny işe degişli görkezijiler, maglumat berijiler ýa-da materiallar aýratyn bölüm edilse amatly bolýar.

Edebiýaty diplom işiniň baplary boýunça toparlara bölmek babyň adyna we meselesine bagly bolýar, ýagny edebiýatyň ulgamlaýyn ýerleşdirilişine golaý bolýar. Edebiýat bölümiň içinde elipbiý tertibinde ýerleşdirilýär. Dürli baplara degişli işler umumy bölümde ýerleşdirilýär.

Maglumatlar tekstde ýatlanylyşyna görä ýerleşdirilende peýdalanylan edebiýatyň sanawy ulgamlaşdyrylmaýar. Olaryň beýan ediliş tertibi tekstde birinji ýatlanylyp başlanylyşyna görä bolýar.

Diplom işiniň awtory öz işiniň aýratynlygyna baglylykda bibliografik sanawda edebiýaty ýerleşdirmegiň has ýerlikli usulyny saýlamaly. Meselem, işde resminama hökmünde peýdalanylan maglumatlaryň alnan çeşmeleriniň edebiýatyň sanawynda ýerleşdirilişi aşakdakylar ýaly bolýar:

***Döwlet resminamalary***

Bu bölümde edebiýaty seneleýin (hronologik) tertipde, şeýle-de, edebiýaty ýerleşdirmegiň ýörelgesini ünsden düşürmän ýerleşdirmek maksadalaýyk bolýar.

Türkmenistanyň Prezidentiniň çykyşlary.

Türkmenistanyň Konstitusiýasy.

Türkmenistanyň Mejlisiniň Kanunlary we Kararlary. Türkmenistanyň Prezidentiniň Permanlary, Kararlary, Kanunlary.

Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň kararlary, buýruklary, görkezmeleri.

Türkmenistanyň Döwlet resminamalarynyň ugurlaýyn ýygyndylary.

Hökümet we jemgyýetçilik guramalarynyň ýolbaşçylarynyň işleri, çykyşlary, soň awtorlaryň atlarynyň elipbiý tertibinde gelşine

laýyklykda hökümet ýolbaşçylarynyň, jemgyýetçilik guramalarynyň ýolbaşçylarynyň çykyşlary ýerleşdirilýär.

Halkara derejesindäki maslahatlaryň we ylmy-amaly maslahatlaryň resminamalary we maglumatlary, şeýle-de, hasabat maglumatlaryny berýän çeşmeler hem seneleýin (hronologik) tertipde berilýär:

Türkmenistanyň statistika baradaky Döwlet gullugynyň ýygyndylary, ýyllyk we beýleki neşirleri.

Sosiologik barlaglaryň maglumatlary.

Döwlet arhiw edaralarynyň resminamalary we maglumatlary.

Ýokarda görkezilenlerden soňra, ýurdumyzyň we daşary ýurtlaryň (kitaplar, makalalar) türkmen we daşary ýurt dillerindäki işleri awtorlary boýunça ýerleşdirmek tertibinde berilýär (elipbiý, ulgamlaýyn, seneleýin (hronologik) ýa-da salgylanma getiriliş tertibinde).

Edebiýatyň sanawy başyndan iň ahyrky ada çenli tutuşlygyna belgilenilýär.

## *DIPLOM IŞINIŇ GORALYŞY*

Doly ýazylyp tamamlanylan diplom işine ylmy ýolbaşçysy onuň oňat we gowşak taraplaryny görkezip, seslenme ýazýar. Seslenmede diplom işiniň ähli baplarynyň häsiýetlendirmesi bolmaly, oňyn taraplary we ýetmezçilikleri hem-de awtoryň işiň üstünde özbaşdak işläp bilşi bellenilmeli, alnan netijeleriň we tassyklamalaryň esaslandyrylandygy, peýdalydygy, olary ulanmagyň mümkinçilikleri görkezilmeli. Şular bilen birlikde, ylmy ýolbaşçy işiň goralmaga hödürlenilýändigi barada bellik edýär. Şondan soň iş degişli kafedra tabşyrylýar.

Kafedra öňünden her bir işe ýörite ylmy synçy belleýär. Ylmy synçy talybyň nazaryýet biliminiň derejesini, işiň oňyn we

kemçilikli taraplaryny aýdyň görkezip, syn ýazylýan ýörite resmi kagyzda diplom işine syn ýazýar. Synyň mazmunynda diplom işiniň temasynyň dogry saýlanylyşy we onuň zerurlygy, goýlan soraglaryň we meýilnamanyň dogrulygy, ylmy barlaglaryň çeşme üpjünçiligi, talybyň meseläniň taryhnamasy we subut etmekligiň ulgamyndaky bilimi aýdyňlaşdyrylýar. Şeýle-de, synda diplom işiniň meselesiniň doly açylyp görkezilişi, talybyň zerur netijeleri çykaryp bilendigi ýa-da çykaryp bilmändigi, olaryň esaslandyrylyşynyň derejesiniň nähilidigi görkezilýär. Işiň ylmy gurluşynyň (salgylanmalaryň, olaryň çykgytda berlişiniň we ş.m.) ylmy işlerden edilýän zerur talaplara laýyk gelşiniň derejesi hem ýörite bellenilýär. Syn berijiniň gelen netijesi aýdylýar.

Diplom işi goralmazdan bir gün öň talybyň işine ýazylan syn bilen tanyşmaga hukugy bardyr. Sebäbi, ol şonuň esasynda diplom işini goramaga taýýarlanmaly.

Goralmaga goýberilýän diplom işleri barada umumy maglumat berýän "Düşündiriş ýazgyly" resmi kagyz doldurylýar.

Diplom işi Döwlet synag toparynyň (mundan beýläk DST) açyk maslahatynda ýa-da ylmy ýolbaşçynyň, synçynyň we ähli isleg bildirýänleriň gatnaşmagynda, DST-nyň agzalarynyň öňünde (mejlisinde) goralýar. Başlyklyk ediji diplom işini ýazan talybyň familiýasyny we onuň diplom işiniň adyny aýdanyndan soň, diplom işi goraýjy soraglaryň goýluşy, işiň zerurlygynyň şöhlelendirilişi, onuň çeşmeler bilen üpjünçiligini we meseläniň taryhnamasyny gysgaça häsiýetlendirýän hem-de işiň esasy mazmuny we netijeleri barada gysgaça habar berýän (10-12 minutlyk) çykyş edýär. Talybyň çykyşy ylmy ýolbaşçy bilen ylalaşylyp, öňünden taýýarlanylýar. Zerur bolan halatynda, talyp görkezme esbap hökmünde, öňünden taýýarlanylan diagrammalary, shemalary, suratlary we ş.m. peýdalanýar.

Diplom işi goramaklyga goýberilen talyby bu işe taýýarlamak hem gerek.

Diplom işini goramaga taýýarlanýan mahaly, talyp özüni fiziki we ruhy taýdan hem taýýarlamaly. Talybyň çykyşyň öň ýanynda dynç almagy, ýeke bolmagy, gezelenç etmegi gerek. Şol wagt diplom işiniň has möhüm we kyn ýerleri barada ýene-de bir gezek oýlanyp, öz ýanyndan gaýtalamagy, çykyşdan başga zatlara ünsüni sowmazlygy gerek. Diplom işini goraýan talybyň özüni örän tebigy hem asuda alyp barmagy zerurdyr.

Talyp münbere tarap ýönelende, hemmeleriň ünsi şoňa gönügýär. Şonuň üçin hem ol ähli görnüşi bilen özüniň haýsy-da bolsa bir wajyp zady aýtmaga taýýardygyny we isleýändigini aňlatmalydyr. Eger-de talyp öz ýöreýşi bilen çekinjeňdigini, ýaýdanjaňdygyny ýa-da biperwaýdygyny görkezse, ol diňleýjilere ýaramaz täsir edýär. Ýöräp barýarkaň iliklerini ildirmek, saçyňy ýa-da galstugyňy düzetmek, ýazgylaryňa seretmek gelşikli däldir.

Talyp münbere ýetip-ýetmän, howul-hara gepläp başlasa, onuň ilkinji sözlerini diňleýjileriň köpüsi eşitmän galýar.

Münbere çykan pursatynda talybyň ilki bilen öz tolgunmasyny basyp, soňra diňleýjiler bilen aragatnaşygy ýola goýmagy gerek. Münbere çykyp-çykmazdan gepläp başlamaly däl-de, az salym dyngy (pauza) etmeli. Şol wagt ol ýazgylaryny münberde arkaýynlykda ýerleşdirmeli, soňra bolsa öz çykyşyna başlamaly. Talybyň çykyşy gutaranyndan soň, iş toparynyň agzalarynyň, synçylaryň we ähli gatnaşyjylaryň talyba onuň işiniň düýpli meseleleri we oňa golaý bolan taryhyň beýleki garyşyk meseleleri boýunça soraglar bermäge hukuklary bar. Talyp ozaly bilen özüne berilýän ähli soraglary ýazyp almaly. Şondan soň talybyň derrew ýa-da jemleýji sözüniň öň ýanynda jogap bermäge haky bar. Eger talyp ýazyp alan soraglaryna derrew jogap berse, has ýerlikli hasap edilýär. Ýöne, munuň ynamsyz, ýerliksiz jogap bolmagy mümkin. Eger talyba jogap bermek üçin oýlanmaga wagt gerek bolsa,

jemleýji sözüniň öň ýanynda soraglara jogap berse ýerine düşýär. Onuň jogaby berlen soragyň gysga, anyk beýany bolmaly.

Talybyň çykyşyndan soň, onuň işiniň mazmuny, soraglara jogap berşi barada öz pikirini gysgaça aýtmak üçin ylmy synça söz berilýär. Talybyň ylmy synçynyň ýazmaça görnüşinde ýazan synynda ýa-da onuň dilden eden çykyşyna, ara alyp maslahatlaşylýan mesele boýunça öz garaýyşlaryny düsündirişine, bellenilen ýetmezçiliklere beren düşündirişlerine, eden belliklerine aýratynlykda ýa-da hemmesine bilelikde jogap bermäge hukugy bar. Diplom işiniň goralyşynda onuň işiniň adyna, özüne we onuň goralyşyna öz belliklerini aýdyp çykyş etmäge diplom işiniň goralyşyna gatnaşyjylaryň her birine ygtyýar berilýär. Munuň wagty, adatça, öňünden kesgitlenilmeýär, ýöne, şeýle-de bolsa, mümkin boldugyça, her bir çykyş edýän bäş minutdan uzak çykyş etmän, öz sözüni gutarsa ýerlikli bolýar.

Diplom işi goralanda, talybyň işi saýlap alşy we onuň üstünde işleýşi hem-de ony beýan edişi, çeşmelerdir edebiýat bilen işlemek, ylmy iş alyp barmaga bolan mümkinçilikleri we beýlekiler barada öz pikirlerini aýtmak üçin ylmy ýolbaşça-da söz berilýär.

Maslahatyň ahyrynda iş ara alnyp maslahatlaşylanda işiň meseleleri boýunça öz garaýyşlaryny ýene bir gezek tassyklamak ýa-da anyklamak gerek bolan ýagdaýynda diplom işini ýazana jemleýji söz aýtmaga rugsat berilýär.

Diplom işi goralandan soň ýa-da maslahatyň ahyrynda iş toparynyň ýapyk maslahaty geçirilýär. Onda işiň nazary derejesi, çeşmeler bilen üpjünligi, talybyň edebiýat boýunça biliminiň ýagdaýy, meseläniň dogry goýluşy we açylyp görkezilişi, esaslandyrylandygy, netije çykarmak başarnygy, diplom işiniň ylmy gurluşy göz öňünde tutulyp, gutarnykly baha goýulýar. Emma jemleýji baha goýlanda, talybyň diplom işini goraýan wagtynda öz işiniň netijesini aýdyp bilmek, soraglara dogry jogap bermek

başarnyklary, öz pikirinde durup bilmegi, ylmy çekişmede özüni alyp barmak we öz ýalňyşlyklaryny ykrar etmek başarnyklary, ylmy-barlaglaryň usulynyň dogry saýlanylyşy, talybyň işi ýerine ýetireninde özbaşdak işläp bilşiniň derejesi we beýlekiler hem hasaba alynýar. Talyp diplom işinden kanagatlanarsyz baha alsa, onda işe düzedişler girizmäge we geljek ýyldan öň bolmadyk wagtda gaýtadan goramaga hukugy bardyr.

Diplom işleriniň goralyşynyň umumy jemleri kafedrada ara alnyp maslahatlaşylýar. Munda kafedra işleriň goralyşynyň netijelerini hasaba alyp, käbir işleri çap etmäge hödürleýär. Kafedranyň bu karary fakultetiň alymlar geňeşiniň we ýokary okuw mekdebiniň tassyklamagyna degişlidir. Diplom işleriniň bir nusgasy ýokary okuw mekdebiniň kitaphanasynda saklanylýar.

## Netije

Ylmyň, tehnikanyň ösmegi ruhy medeniýetiň ösmegine ýokary derejede täsir edýär. Biziň döwürdeşlerimiz täze maglumatlary diňe kitaplar, gazet-žurnallar arkaly alman, eýsem radio-teleýaýlymlaryň, kinonyň, internet ulgamynyň we beýlekileriň üsti bilen hem alýarlar.

Ylmyň we tehniki ösüşiň gazananlaryny özleşdirmek gürrüňsiz zerur. Ýöne diňe amal edilen üstünlikleri bilmek, öz işiňde, durmuşyňda peýdalanmak bilen çäklenmän, dürli ugurlarda ylmy-derňew işlerini alyp barmak adamzat ýaşaýşynyň möhüm şertleriniň biridir.

Ylmyň hem tehnikanyň diňe ylmy barlaglaryň netijesinde ösýändigini nazarda tutup, bu işi talyplara öwretmegi geljekde has kämilleşdirmeli.

Talyplaryň ylmy-barlag işlerini alyp barmaklyga gyzyklanmalaryny ýokarlandyrmak üçin bu işiň netijesiniň adamzat durmuşynda tutýan ornuny, ähmiýetini giňişleýin açyp görkezmeli.

Dürli çeşmeleri öwrenip, ylmy-derňew işlerini alyp barmaklygy öwretmek üçin olardan peýdalanmagyň, işiň temasyny saýlamagyň, onuň meýilnamasyny düzmegiň, salgylanylan, iş ýazylanda peýdalanylan maglumatlaryň alnan çeşmesidir edebiýaty işde we edebiýatyň sanawynda ýerleşdirmegiň, ylmy işiň ýazylyş yzygiderliligini saklamagyň, öwrenilen maglumatlary jemläp netije çykarmagyň we ş.m. usullary professor-mugallymlar tarapyndan talyplara yzygider we düýpli öwredilmelidir.

**Türkmenistanyň Bilim ministrliginiň 2003-nji ýylyň 7-nji fewralyndaky 35-nji belgili buýrugy bilen tassyklanylan "Türkmenistanyň ýokary okuw mekdeplerinde okuw sapaklarynyň mazmuny, guralyşy we geçirilişi barada umumy Gözükdirijiden" göçürme**

**B. Diplom işleri we taslamalary**

3.20. Diplom işi (taslamasy) talyby ýokary okuw mekdebinde okatmagyň jemleýji tapgyrydyr. Diplom işleriniň (taslamalarynyň) esasy maksady we meseleleri:

– talyplaryň hünäri boýunça alan nazary we amaly bilimlerini umumylaşdyrmak, berkitmek, çuňlaşdyrmak hem-de şu bilimleri pudaklaryň anyk meselelerini çözmekde ulanmak;

– ylmy-barlag işleri özbaşdak alyp barmagyň ukyplaryny ösdürmek;

– diplom işinde (taslamasynda) üstünde işlenilýän soraglary çözmek arkaly ylmy barlaglaryň usulyýetini ele almak;

– nazary bilimleri okuw we önümçilik tejribesi döwründe alnan amaly endikler bilen baglanyşdyrmak.

3.21. Diplom işi (taslamasy) jemleýji ylmy-okuw-usuly iş bolup, ähli dersler özleşdirilenden soňra, okuw meýilnamasy boýunça okuw işleriniň ähli görnüşleri ýerine ýetirilenden soňra amala aşyrylýar.

3.22. Diplom taslamalary, inženerleri taýýarlaýan ýokary okuw mekdeplerinde meýilleşdirilýär. Diplom taslamasynyň mazmuny inžener desgalarynyň dikeldilmegi, gurulmagy (maşynlar, stanoklar, elektrostansiýalar, demir we gara ýollar, köprüler, jaýlar we ş.m.) bilen gös-göni baglydyr.

3.23. Talyplara diplom işiniň (taslamasynyň) temasyny saýlap almak hukugy berilýär.

Diplom işleriniň (taslamalarynyň) temalary kafedralar tarapyndan kesgitlenilýär. Diplom işiniň (taslamasynyň) temasy talyba rektoryň buýrugy arkaly berkidilýär.

3.24. Kafedranyň we dekanatyň hödürlemegi we talybyň saýlamagy bilen rektoryň buýrugy arkaly professorlaryň, tejribeli mugallymlaryň (mümkin boldugyça alymlyk derejesi bar bolanlardan) arasyndan ýolbaşçy bellenilýär. Beýleki kärhanalaryň we guramalaryň ýokary kärli hünärmenleri, ylmy işgärleri hem ýolbaşçy bolup bilerler. Kafedranyň teklip etmegi bilen zerur halatynda beýleki kärhanalardan we guramalardan maslahatçylary çagyryp bolar.

3.25. Kafedralar diplom işini (taslamany) ýazmak boýunça usuly görkezmeleri işläp taýýarlamaly we olar bilen talyplary üpjün etmeli.

Diplom işi (taslamasy) ylmy edebiýaty, okuw kitaplaryny we gollanmalaryny, döwürleýin neşirleri, arhiw resminamalaryny çuňňur öwrenmek hem-de talyplaryň özleriniň geçiren barlaglarynyň we tejribeleriniň netijelerini ulanmak esasynda ýerine ýetirilýär.

3.26. Diplom işlerine (taslamalaryna) talaplar;

– Temanyň döwrebaplygy, onuň mazmunynyň Türkmenistany ösdürmek boýunça maksatnamalarda goýlan wezipelere hem-de häzirki zaman ylmynyň şu günlerdäki ýagdaýyna we geljekki ösüşiniň ugurlaryna gabat gelşi;

– diplom işiniň (taslamasynyň) temasy boýunça monografiýalary we döwürleýin neşirleri öwrenmek we amaly derňew etmek;

– meseläniň taryhyny we häzirki zamandaky ýagdaýyny öwrenmek we häsiýetlendirmek;

– alnan temanyň nazary we amaly zerurlygyny, barlagyň maksadyny, meselelerini we usullaryny anyk häsiýetlendirmek, temany barlamagyň derejesini kesgitlemek;

– netijeleri umumylaşdyrmak we tassyklamalary esaslandyrmak;

– diplom işiniň (taslamasynyň) göwrümi çap edilen görnüşde 50 sahypadan az bolmaly däldir. Diplom işiniň (taslamasynyň) her sahypasynyň gyralaryna aşakdaky ýaly ýerler goýlan bolmaly: ýokarsyndan 2 sm, aşagyndan 1,5 sm, çepinden 2,5-3 sm, sagyndan 1 sm. Sahypalar aşakda ortadan belgilenen bolmaly. Çap edilişiň şriftiniň ululyk möçberi *Times New Roman* şriftinde 14 (beýleki şriftlerde çap edilende Times New Roman şriftindäki 14 ululyga gabat gelmeli) we setirleriň arasy bir interwal bolmaly.

**Bellik.** Käbir ýagdaýlarda okuw mekdebiniň aýratynlygyna baglylykda diplom işiniň (taslamasynyň) göwrümi Türkmenistanyň Bilim ministrligi bilen ylalaşylyp azaldylyp bilner.

3.27. Her diplom işinde aşakdaky ýaly gurluş bölekleri aýratynlykda bolmalydyr:

1. Titul sahypasy.
2. Sözbaşy.
3. Giriş.
4. Işiň esasy mazmuny.
5. Jemleme we teklipler.
6. Peýdalanylan edebiýatyň sanawy.
7. Goşmaçalar (bar bolan ýagdaýynda).

3.28. Diplom işiniň (taslamasynyň) şekillendirilen bölegi ą 24 ýa-da ą1 (594-841 mm) watmanda ýerine ýetirilýär:

– diplom işinde – 3-5 sany

– diplom taslamasynda – 6-10 sany.

Çyzgylar, shemalar we tablisalar umumy talaplary kanagatlandyrmaly.

3.29. Diplom işini (taslamasyny) ýerine ýetirmegiň meýilnamasyna görä baplara we bölümçelere (paragraflara) bölmeklik maslahat berilýär. Baplaryň atlary gysga, düşnükli bolup, mazmun boýunça yzly-yzyna goýulmalydyr.

3.30. Titul sahypasynda aşakdakylar görkezilýär: degişli ministrligiň ady, ýokary okuw mekdebiniň ady, diplom işi (taslamasy) ýerine ýetirilen kafedranyň ady, diplom ýazýan talybyň familiýasy we ady, diplom işiň (taslamanyň) doly ady, ylmy ýolbaşçynyň we ylmy synçynyň familiýasy, ady we atasynyň ady, ylmy ady we alymlyk derejesi, işiň ýerine ýetirilen ýeri we ýyly.

3.31. Diplom işiniň (taslamasynyň) mazmunyna onuň tekst böleginden başga dürli grafiki we şekillendiriji materiallar girýär. Getirilen çyzgylaryň we suratlaryň sanyny çendenaşa köpeltmeklik maslahat berilmeýär. Diplom işiniň (taslamasynyň) esasy bölegini çendenaşa doldurmazlyk üçin çyzgylaryň we düşündiriji materialyň belli bir bölegini diplom işiniň (taslamasynyň) goşundylaryna çykarmaklyk maslahat berilýär.

Çyzgylary we şekillendirmeleri aýratyn sahypalarda ýerleşdirmeli. Diplom işinde (taslamasynda) getirilen her bir şekillendirmä öz belgisi, gysga we anyk ady, zerur halatynda düşündiriş ýazgysy goýulmaly. Eger ulanylan çyzgylar we şekillendirmeler talybyň özüniňki däl bolsa, ýagny haýsy hem bolsa başga bir işden alnan bolsa, onda alnan çeşme salgy berilmeli.

Diplom işinde (taslamasynda) bar bolan tablisalar üçin şol bir meňzeş belgilenmeler ulanylýar. Hökmany suratda "tablisa" diýen ýazgyny görkezmeli. Eger işde tablisalar köp bolsa, onda olary belgilemeli. Diplom işiniň (taslamasynyň) ähli tablisalary şol bir meňzeş görnüşe getirilen bolmaly.

3.32. Diplom ýazýanlar ylmy ýobaşçysyna yzygiderli hasabat berip durýarlar. Hasabatyň möhletleri kafedranyň müdiri tarapyndan kesgitlenilýär. Diplom işiniň (taslamasynyň) ylmy ýolbaşçysy kafedra ýerine ýetirilen işler barada yzygiderli maglumat berip durýar.

Tamamlanan diplom işi (taslamasy) ýolbaşça hödürlenilýär. Diplom işine (taslamasyna) seredeninden we makullanyndan soňra ylmy ýolbaşçy özüniň ýazmaça seslenmesi bilen bilelikde diplom işini

(taslamasyny) kafedra müdirine tabşyrýar. Seslenmede diplom işiniň (taslamasynyň) ähli bölümleriniň häsiýetlendirmesi bolmaly, onuň oňyn taraplary we ýetmezçilikleri hem-de awtoryň diplomyň temasynyň üstünde işlemekliginiň özbaşdaklygy bellenilmeli, alnan netijeleriň we tassyklamalaryň esaslandyrylandygy, peýdalylygy, olary ulanmagyň mümkinçilikleri görkezilmeli.

Talyby goramaklyga goýbermek hakdaky sorag kafedranyň mejlisinde ara alnyp maslahatlaşylýar we degişli çözgüt kabul edilýär. Kafedranyň mejlisiniň çözgüdini ýokary okuw mekdebiniň rektory tassyklaýar.

3.33. Goramaklyga goýberilen diplom işi (taslamasy) syn ýazmaklyga ýollanylýar. Synçylaryň düzümi kafedranyň mejlisinde tassyklanylýar. Syn ýazmak üçin ylmy guramalaryň işgärleri, dürli kärhanalaryň ýokary kärli hünärmenleri, beýleki ýokary okuw mekdepleriniň professorlary we mugallymlary hem-de talybyň öz ýokary okuw mekdebiniň beýleki kafedralarynyň professorlary we mugallymlary çekilip bilner.

3.34. Kafedranyň müdiri talyby we onuň ylmy ýolbaşçysyny synlar bilen tanyşdyrýar we diplom işini (taslamasyny) Döwlet synag toparyna ýollaýar.

Diplom işini (taslamasyny) goramaklygyň tertibi Türkmenistanyň Bilim ministrliginiň 2002-nji ýylyň 7-nji iýundaky 100 belgili "Türkmenistanyň ýokary we orta hünärmen okuw mekdeplerinde döwlet synaglary we döwlet synag toparlary hakyndaky" Düzgünnamasy boýunça kesgitlenilýär.

Diplom işi (taslamasy) goralandan soňra ýokary okuw mekdebiniň kitaphanasynda saklanylýar.

*2-nji goşundy*

**TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI**
**MAGTYMGULY ADYNDAKY TÜRKMEN DÖWLET UNIWERSITETI**

**Türkmenistanyň taryhy kafedrasy**

**Setdarowa Gülaýym**

**DIPLOM IŞI**

**MERW OAZISINIŇ TÜRKMEN TARYHYNYŇ OGUZ HAN DÖWRÜNIŇ AHYRLARYNDAKY MEDENIÝETI**

**Ylmy ýolbaşçysy:**
**Amanow G.D. t. y. k. dos.**
**Ylmy synçy:**
**Berdiýew A.S. uly mugallym, t.y.k.**

**AŞGABAT – 2008**

## MAZMUNY

**Giriş..................................................................................................7**

**I bap. Maddy medeniýet.**

**a) Küýzegärçilik önümçiligi.....................................................8**

**b) Dokmaçylyk.........................................................................13**

**ç) Metal işläp bejermeklik.......................................................16**

**II bap. Ruhy medeniýet.**

**a) Merw oazisiniň ilatynyň aňyýet garaýyşlarynyň arheologiki ýadygärliklerde şöhlelendirilişi.........................................20-36**

**b) Çeperçilik medeniýeti....................................................36-47**

**Jemleme we teklipler..........................................................................48**

**Peýdalanylan edebiýatyň sanawy...............................................49-52**

**Peýdalanylan edebiýatyň sanawy**


1. **Saparmyrat Türkmenbaşy.** Ruhnama. – Aşgabat: TDNG, 2001.
2. **Saparmyrat Türkmenbaşy.** Ruhnama. Ikinji kitap. – Aşgabat: TDNG, 2004.
3. **Gurbanguly Berdimuhamedow.** Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, Halky söýmek bagtdyr. – Aşgabat: Ylym, 2007.
4. **Gurbanguly Berdimuhamedow.** Türkmenistan – sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurdy. – Aşgabat: TDNG, 2007.
5. **Masson W. M.** Türkmenistan-dünýä taryhynyň aýnasynda. – Aşgabat: Türkmenistan, 2000.
6. R.Pampelli we Türkmenistanyň arheologiýa ylmynyň ösüşi. Amerikaly alym Rafael Pampelliniň Türkmenistana arheologik ekspedisiýasynyň 100 ýyllygyna bagyşlanan ylmy maslahatyň nutuklarynyň gysgaça beýany (2003-nji iýun aýy). – Aşgabat, 2003.
7. **Sarianidi W.** Marguş. Murgap derýasynyň köne hanasynyň aýagyndaky gadymy gündogar şalygy. – Aşgabat: Türkmendöwlethabarlary, 2002.
8. **Annaýew A.** Orta asyr Merwiň gorag desgalary barada täze maglumatlar. / Türkmenistanda arheologiki we etnologiki barlaglar. Dokladlaryň gysgaça mazmuny. – Aşgabat: Ylham, 1995
9. **Gubaýew A., Loginow S.** Günorta Türkmenistanda oduň ybadathanalary. // Türkmenistanyň ýadygärlikleri. 1984. ą 2/38.
10. Археология СССР. Древнейшие государства Кавказа и Средней Азии. – / М.: Наука, 1985.

11. **Антонова Е. В.** К вопросу о значении поз антропоморфных изображений дописьменной эпохи (Передняя и Средняя Азия). / Древность и средневековье народов Средней Азии. (История и культура). – М.: Наука, 1978.
12. **Антонова Е. В.** Орнаменты на сосудах и знаки на статуэтках анауской культуры (к проблеме значения). / Средняя Азия и ее соседи в древности и средневековье (История и культура). – М.: Наука, 1981.
13. **Демидов С.** М. История религиозных верований народов Туркменистана. – Ашхабад: Ылым, 1990.
14. **Массон В. М.** Алтын-Депе. / Труды Южно-Туркменистанской археологической комплексной экспедиции. Т. XVIII – Л.: Наука, 1981.
15. Материалы по истории туркмен и Туркмении. Т. I VII-XV вв. Арабские и персидские источники. – М. – Л.: Издательство АН СССР, 1939.
16. **Пилипко В. Н.** Поселения Северо-Западной Бактрии. – Ашхабад: Ылым, 1985.
17. **Ремпель Л. И.** Цепь времен: Вековые образы и бродячие сюжеты в традиционном искусстве Средней Азии. – Ташкент: Издательство литературы и искусства, 1987.
18. **Станкевич И. Л.** Поселения и погребения бронзового века в Южной Туркмении и Иране. / Культура и искусство народов Средней Азии в древности и средневековья. – М.: Наука, 1979.

19. Энеолит СССР – М.: Наука, 1982.
20. **Юсупов Х.** Страницы истории Туркменистана. С древнейших времен до арабского завоевания. – М.: Ориент-Пресс, 1977.
21. **Юсупов Х.** Археологическое исследование Тахта-Базарского района. / Каракумские древности. Выпуск V. – Ашхабад: Ылым, 1977.
22. **Кошеленко Г.А.** Раскопки на поселений Джин-депе в 1961 / КСИА. Вып.93. – М., 1963.
23. **Винокурова М.Г.** Ткани из замка на горе Муг. // Изв. АН Тадж ССР.1957. Вып.14.
24. **Воронина В.Л.** К вопросу о типе общественных сооружений раннесредневекового города Средней Азии. //Советская археология. 1957. №1.

## MAZMUNY

G i r i ş ....................................................................................................7
Diplom işiniň adyny saýlamak we tassyklamak............................10
Diplom işiniň gurluşy.................................................................13
Diplom işiniň meýilnamasyny düzmek.........................................16
Diplom işiniň taýýarlanylyşy.......................................................18
Diplom işiniň ylmy-salgylanma gurluşy.......................................23
Peýdalanylan edebiýatyň sanawyny düzmek we taýýarlamak.....33
Edebiýatyň toparlary.................................................................33
Döwlet resminamalary..............................................................34
Diplom işiniň goralyşy...............................................................35
Netije.........................................................................................39
1-nji goşundy.............................................................................41
2-nji goşundy.............................................................................46
3-nji goşundy.............................................................................47
4-nji goşundy.............................................................................48

**Gurtnyýaz Hanmyradow**
**Ogulnabat Çaryýewa**

# DIPLOM IŞLERINI TAÝÝARLAMAK

Redaktory **G.Ataýewa**
Operatory **S.Otuzow**
Neşir üçin jogapkär **M.Öwlüýägulyýew**

Ýygnamaga berildi 10.05.2007 ý. Çap etmäge rugsat edildi 09.06.2008 ý. Ölçegi 60×90 $^1/_{16}$. Şertli çap listi 2,32. Hasap-neşir listi 3,61. Neşir №16. Sany 500. Sargyt №102.

Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Ylym we tehnika baradaky ýokary geňeşiň "Ylym" neşirýaty. 744000. Aşgabat, Bitarap Türkmenistan köçesi, 15.

Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Ylym we tehnika baradaky ýokary geňeşiň çaphanasy. 744000. Aşgabat, Bitarap Türkmenistan köçesi, 15.